# Maksadyñyza ýetiñ!

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Maksadyñyza ýetiñ! MAKSADYÑYZA ÝETIÑ!

1957-nji ýylda kaliforniýaly on ýaşly oglanjyk şol döwrüň meşhur professional amerikan futboly oýuncysy Jim Braundan awtograf almagy ýüregine düwüpdir. Ýöne uzyndan horja bu oglanjygyň maksadyna ýetmegi üçin belli kynçylyklary ýeňip geçmegi gerekdi.
Oglanjyk süňkleriniň kadaly ýagdaýda ösmänligi üçin polat plastina götermeli bolup, bu onuň gowşak aýaklarynyň dogry ösmegine ýardam beripdir. Onuň petek almaga puly bolmansoň, geýim çalşyrylýan otagda oýnuň gutararyna hem-de Jim Braunyň futbol meýdançasyndan gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşypdyr.
Oglanjyk Braundan hoşamaýlyk bilen awtograf goýup bermegini sorapdyr. Ol öz goluny goýanda oglanjyk şeýle diýipdir:
– Jenap Braun! Siziň fotosuratyňyz meň otagymda asylgy dur. Men seniň meşhur futbolçydygyňy bilýärin. Men siziň muşdagyňyz.
Braun ýylgyryp, gitmäge hyýallanypdyr, ýöne oglanjyk ony saklap şeýle diýipdir:
– Jenap Braun! Men seniň ähli rekordlaryňy täzelemek isleýärin!
Braun geňirgenip:
– Oglanjyk, seň adyň näme? – diýipdir.
Ol:
– Orental Jeýms. Dostlarym maňa O. Jeý diýýärler – diýip jogap beripdir.
Soň Orental Jeýms Simpson, Braunyň goýan üç rekordyny täzeläpdir, ýöne köp sanly şikesler sebäpli onuň sport karýerasy tamamlanypdyr.
Maksat – ynsan üçin kuwwatly hereketlendiriji güýçdür. Öz öňüňizde maksat goýuň we oňa ýetmäge tagalla ediň!

Terjime eden: Aknur REJEPOWA,

Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby. Çagalar edebiýaty